# Sergezdan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sergezdan

SERGEZDAN

Ine bu bahar,
Seniň basan
aýak yzyňy küýsäp,
Köçäňizden geçdim
Ýene bir sapar.

Ine bu bahar,
Öňkilere meňzedesim gelenok!
Ädimleňden tä öýňüze ýol ýasap
Baglaň sapagyndan tänen çiçegi
Düşäp
ýekän-
ýekän
Aýak yzyňa,
Ah! seni  çagyrýar
Sergezdan ýürek.
Bir baksana
Gel baksana
Yzyňa…

Ine bu bahar,
Öňkilere meňzedesim gelenok!
Hatta  asmandäki gara bulutlaň
Tanabyndan dartyp
Kowýan sürüsin
Seň üstüňe ýagdyrasym gelenok!

Ine bu bahar,
Öňkilere meňzedesim gelenok!
Seň ysyňy dumly-duşdan küýseýän.

Seýil bagyň oturgyjyn reňklän
Bagbana  gül berýän
Ol bolsa gülýär
Emma beýle hödrüň
Düýpli  sebäbin
Seniň üçindigin asla bilenok!

Ine bu bahar,
Öňkilere meňzedesim gelenok!
Jadylaýar ýazyň hoştap howasy
Ýüregim elenen ak çäge dönüp
Seçelenip hiç bir ýere syganok.

Belki  tänen şol çiçek deý
Bahardan,
Menem  tänendirin
Irki  baharda.
Nirä barýan?
Men bu  gaýyp ýörşüme,
Ýere düşmän
Giň asmandan, pelekden.
Ah bir salym men ýatsadym
Ýassanyp,
bu Söýginiň
Per düşekje gerşinde…

Gapur HOJA.

Goşgular